Türkmenistandaky Ýewropa Bileleşiginiň wekilhanasy Winter Cup 2024 intellektual ýaryşynyň geçiriljekdigini yglan etdi. Bäsleşik 8-nji dekabrda Aşgabatdaky ABM işewürlik merkezinde geçiriler.

Bäsleşige sekiz oýunçydan (alty esasy we iki ätiýaçdaky) ybarat toparlar gatnaşyp bilerler. Bilermenler iki tapgyryň hersinde 12 soraga jogap bermeli bolarlar. Iň gowy toparlar finala çykmak üçin ýollanma alarlar, galanlary bolsa bürünç baýragy üçin bäsleşerler. Finalda oýun alty utuga çenli dowam eder.

Oýna gatnaşmak mugt, toparlaryň hasaba alynmagy 6-njy dekabra çenli dowam eder. Ýaryş türkmen we rus dillerinde geçiriler.

Все права защищены